# Täsin konkurs / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täsin konkurs / satiriki hekaýa TÄSIN KONKURS




Arada institutda şeýle bir waka boldy. Onuň mugallymlaryndan biri täsin bir täze teklip oýlap tapdy. «Kimde-kimiň student bolup okasy gelse, dekanata gelsin» diýip, bildiriş ýaýratdy. Täsin täze teklibiň düzgüni boýunça ýaňky mugallym «men okajak» diýip, gelene haýsydyr bir gülüň tohumyndan bir atym nas ýalysyny beriberdi.
– Bu näme? Biz muny nämä ýaradaly? – diýşip, abituriýentler aýasyndaky gül tohumyna çiňňerilişip seretmäge başladylar.
– Bu gülüň tohumy. Muny siz küýzejikde ekmeli, ösdürmeli. Haçan-da şu gül açylanda, muny maňa getirip görkezmeli. Eger gülüňiz gowy bolsa men sizi okuwa ekzamensiz kabul ederin – diýip, mugallym ýaňky abituriýente bu özboluşly konkursyň şertlerini öwran-öwran düşündirdi.
«Ekişiň» gyzgalaňly kampaniýasy başlandy. Her kim eýjejik küýzejik edindi. Şor garasyny görmedik ýer agtaryp, ondan

toprak aldylar. Derýanyň mele suwundan ýaňky toprakly küýzejige suwjagaz sepelediler.
– Bu suw gyş suwy bolsun – diýip, topragyň tagta gelerine garaşdylar. Soňra çuň «sürüm» geçirdiler. Ýene suw tutup, ikilenç «sürdüler», «mala» basdylar we gülüň tohumyny sepdiler. Ekenlerinde «meniň elim däl-de babadaýhanyň eli» diýip, tohumy sepdiler.
Täsin konskursa gatnaşýan ýaňky abituriýentler üç-dört günden soň öz eken gülleriniň dürteripjik çykaryna garaşdylar. Bir hepde geçdi, görünýän şine ýokdy, iki hepde geçdi, henizem göze zat ilenokdy. Ahyrsoňunda gumy dörüp, tohumy alyp gördüler. Tohumyň şol bir bolşudy, şinelemeg-ä beýlede dursun, tohum heniz börtmändirem, gaýtam tohum çüýräp başlapdyr.
Lapykeç bolan gülbanlar gözgülban bolşup, küýzejikleriň gumuny çalyşdylar. Emma netikaza gül tohumy gögermedi.
Elleri küýzejikli abituriýentler dekanatyň işigine ýygnandylar. Olaryň ýüzleri salykdy. Çünki küýzejikleri gülsüzdi.
Ine-de birden bäş-alty sany abituriýent elleri küýzeli, ýylgyryşyp, begenşip, dekanatyň işigine geldiler.
– Aýrylsaňyzlaň, haw, ýoldan – diýşip, ýaňkylar öňe çykdylar. Ellerindäki küýzejiklerinde al-elwan güller ülpüldeşip otyrdylar.
– Kimde-kimiň küýzejiginde gül gögermedik bolsa öýli-öýüne gaýdybersinler – diýip, konkursyň žýurisiniň başlygy söze başlady.
– Dogry aýdýaňyz, ýoldaş başlyk, bular ýaly emelsizleri okuwa kabul edip bolmaz, gaýtsynlar – diýip, küýzejigi gülli bir abituriýent öňe çykdy.
– Küýzejikleri gülli abituriýentler, sizem gaýdyberiň – diýip, žýuri başlygy kesgitli aýtdy.
– Otüki, biziň dogmamyz birinji sentýabrda okuwa gelibersinmi?! – diýip, gülli küýzejikli abituriýentiň egni haly horjunly kakasy horžunynyň böwrüne kakdy.
– Adamlar, kimiň küýzejigi gülsüz bolsa, birinji sentýabrda okuwa gelibersin. Kimiň küýzejigi gülli bolsa, biz olary okuwa kabul edemzok – diýip, žýuri başlygy aýtdy.
– Otüki, bu ne beýle bolýar?! Gül ekip bilmeýänleri, iş oňarmaýanlary okuwa alýaňyz, a biziň dogmalary bolsa kowýaňyz – diýip, horjunly ýaşuly öňe süýşüp başlady.
– Ýurdy alahekge soraýan däldir, men ýokardakylar bilen

gepleşerin – diýip, ýaşuly etini gataldyp başlady.
Birsalym gowur-gykylyk, nägilelik höküm sürdi. Žýuriniň başlygy ýuwaşlyk bilen söze başlady:
– Adamlar, köşeşiň. Size paýlanan gülüň tohumynyň gögermäge haky ýok. Miçurin pahyram şony gögerdip bilmezdi. Sebäbi gülüň tohumyny size gaýnadyp beripdik. Bize dogruçyl abituriýentler gerek. Gül gögerdip bilmedik abituriýentler, size gutlaýaryn! Siz şu günden şeýläk hukuk fakultetiniň studentleri hasap edilýäňiz! – diýip, başlyk olaryň ellerini gysdy.
Gurbangylyç HYDYROW.

(Surat: Irem Erogly. Türkiýe). Satiriki hekaýalar